# Duşmaga barýan

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Duşmaga barýan DUŞMAGA BARÝAN

Men ýene-de seň ýanyňa barýaryn,
Oýlanýaryn: «Indi kowasy ýok-la!»
Göz öňümde bolsa intizar gözleň,
Diýýän: «Menden ýüzün sowasy ýok-la!»

Bilýän diýjegiňi: «Söýülsem-de men,
«Söýýän» diýen sözlerime däl eýe».
Men diýerin: «Çäre ýog-a ezizim,
Ykballary duşurmadyk täleýe».

Aňýan geler ýene kän zat aýdasyň,
Bolmanyn pikiriň söýlerin öýden.
Düşünýänsiň indi örteneňde-de,
Örlemegiň giçdigine bir öýden.

Men ýene-de seň ýanyňa barýaryn,
Jemläp saňa arzuwlarmyň gowusyn.
Barsam goýnuňa sal, saklama gowzat,
Gara gözleň dolup duran owasyn.

Batyr ÇARYÝEW. Goşgular